# Gahryman

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gahryman GAHRYMAN

*(Gökdepe gerçegi Gurbanmyrat işana bagyşlanýar)*

I.

Bu goşgyny bagyşladym şol merde,
Çyn ärler gursaga ýazylan borly.
Bir şahyr aýtmyş setirlerinde,
”Batyrlar hak halap, dogulýan borly”.

Özi bir danady, özi merdana,
Ýökdy oň atyna taý geljek atlar
Bezegidi segreýip girse meýdana,
Bu iki gudrata maýyldy toýlar.

Ýyndamlykda ýokdy oňa taý geljek,
Atyň bakylyşyn görenler haýran.
Otyr at üstünde ulama gerçek,
At adam ýalydy bolsa-da haýwan.

At eýä wepaly, jeňde gaýratly,
Göreji deý eý görerdi işanym.
Türkmen sährasynda bolan toýlarda,
Atyn ula goýbererdi işanym.

Söweşde saýlandy bu aty bilen,
Aty bilen aldy şeýle şöhraty.
…Wah, arman bedewi eýesiz galdy
Hem hossarsyz galdy türkmen sährasy.

Adamlar göterip barýarlar merdi,
Doýmady gara ýer mert baryn düýnäp,
Meşgur töräň tabydynyň ýanyndan,
Gidip barýar bedew tanapyn süýräp.

Işan jaýlananda, şeýle bir gaty,
Ses edip aglady wepaly aty,
Onuň bilen aglaşdylar adamlar,
Agyr derdin paýlşadylar adamlar.

13 günläp iýmedi hem içmedi,
Deň çekýärdi ynsan bilen hasraty.
Haýkyryp-haýkyryp janyn gynady,
Haýran galdy gören wepaly aty.

Ýatyrdy köp ýylky keselli ýaly,
On dördünji günde berdi ýanyny,
Işan aga gudratyňa döneýin,
At wepasy… heý ynanar ýalymy.

Adam jaýlanan deý jaýlandy bedew,
Halaýyk goýmady onuň armanyn.
Keramatly işan, Gahryman ogul,
Jaýyň jennet bolsun, Hemra ymanyň!

II.

Işanym gözüň aç bagta ýetdik biz.
Bu gün Watanym bar, Mähribanym bar.
Köp ýyllap arzuwlan berkarar ýurdy,
Guryan, galkyndyryan Gahrymanym bar.

Birleşdi türkmeniň ähli taýpasy,
Arzuwlarym hasyl boldy ilimde.
Garaşsyz Watanyň bolşuna seret,
Waspy bu gün bagşylaryň dilinde.

Türkmen taryhyna ýazdyk adyňy,
Türkmen halky berdi Gahryman adyn,
Halkym mertlerini çykarmaz ýatdan,
Gaýratly, namysly, arly zürýadyn.

Amansähet ANNASÄHEDOW. Goşgular